# Käsemiş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Käsemiş KÄSEMIŞ




Bir käse getirip goýdy öňümde,
Dünýäden habarly ýatan käsemiş.
Dokuz müň dokuz ýüz on iki ýaşynda,
Pany dünýä bilen ýaşyt käsemiş.
Çyzygy üç, dört ýeriniň moýy bar,
Purgun Nebi jandan görgen öýi bar,
Yzyna ýetişdim bir gün waýy bar,
Soňuny gazana guýan käsemiş.

Sylagy ýetipdir, basypdyr kire,
Içine çoh salnyp, çekilmiş hara,
Ini deşik-deşik, endamy ýara,
Gutulmany batyl ýatan käsemiş.

Eýäň Mämetoraz sag bolsun başy,
Içi gara goňur, ýelimli daşy,
Soltansöýün şonuň deň-duşy,
How ene döränden dörän käsemiş.

Gurban aýdar, eýesi öwüp pul beren,

Ýaşlygyndan gelin-gyza dil beren,
Ahyrynda gerçek pire gol beren,
Pire mürit bolup ýatan käsemiş.

Gurban şahyr (1890/91-1917/18). Goşgular